# Boýun almagam mertlikdir

Category: Goşgular,Kitapcy,Nukdaýnazar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025

Boýun almagam mertlikdir **Remezan Mämetgurbanowyň Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**




Anna, 04.08.2023 ý.
Meniň ýaş wagtlarym obada toý alyp baryjysy tanymal tamadalarymyz bardy. Şolaryň goşgularyny diňläp, tanaýan şahyrlarymyzyň goşgulary bolanda plan şahyryň goşgusy diýip, nätanyş goşgulary okanynda bolsa kimiň goşgusy diýip sorasak özüm düzdüm diýerdi. Soň ýene şonuň ýaly yzyndan tamada ýetişdi, onuňam goşgulary käbir sözlerini üýtgedip şol bir goşgylary okaýardy. Indi öňki tamada meniň düzen goşgym ol şony okaýar diýip gysganýardymy nämemi? Gepiň keltesi awtory özüm diýip aýdýardy. Wagt geçdi warak aýlandy şol diňleýän goşgularymy dogrusyny aýtsam men Nobatguly Rejepowyň kitabyny alyp okaýançam şol okalýan goşgulary aýdýan tamadanyň özüniňki diýip bilýädim. Asyl görsem Nobatguly Rejepowyň toý goşgularyny özümiňki diýip ýören bolsa nätjek. Soň şol goşgular özüňki däl ekeni, Awtory Nobatguly Rejepowyň goşgusy ekeni diýsem, ýöne gülüp, «Hawa, obanyň adamlary bilenok, şoň üçinem özümiňki diýdim» diýip jogap berdi.
Awtoryny özüm diýmände hakyky awtory aýdanyňda bolanokmy diýsem.
– Aý, onda-da tamada bolmak üçin özümki diýmeseň, onda klient

az – diýip boýun aldy.
Gynansak-da, bu meselede biziñ özlerimiziñem günämiz az däl. Köpçülik bolup göreşmeli we okap öwrenmekden boýun gaçyrmaly däl.

- **Awtor hakynda**

*Remezan Mämetgurbanow 1984-nji ýylyñ 16-njy oktýabrynda Çärjew oblastynyñ Garabekewül raýonynyñ (häzirki Lebap welaýatynyñ Saýat etraby) Lamma obasynda doguldy. Döredijilik işi bilen ýakyndan gyzyklanýan R.Mämetgurbanow kitapcy.ru saýtynda yzygiderli çykyş edip gelýär.* Nukdaýnazar